# Möý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Möý

MÖÝ

Ey, möý, möý!
Meň öýümde edipdirsiň, öý, öý, öý!
Ilki degjek däldim saňa,
Diýipdim: Men ýaşaýan, ýaşa senem ürkmäni.
Hawa ýaşa diýdim, ýöne dogrysy,
Sen gelmänkäň meniň dynç başym bardy,
Sen geleňsoň welin, bozduň kadany.

Üýşürdüň sen öýe çaga-çugaňy,
Daýy-daýza, mama, iniň-agaňy.
Agtyk- çowluk, ähli tohum tijiňi,
Bes etmediň, kesmediň hiç ujuny.

Eý, möý, möý!
Boldy bu gün siziň üçin,
Toý, toý, toy!
Sallanyp geçip dursuňyz.
Sallançak uçup dursuňyz.
Erbet  ýeri, ýüwaş-ýuwaş,
Meň daşyma-da geçip dursyňyz.

Eý, möý, möý!
Bolar indi, goý, goý, goý!
Indi çykarmasam öýümden seni,
Ertir  öz öýümden kowarsyň meni!

Abdyrahman DÜÝEJI.

Goşgular